# Bahyl biri…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bahyl biri… BAHYL BIRI…

Bahyl adamlary tanamak kynmy?!
– Sana–diýdi biri, sanap başladym.
Bir, iki, üç… on, ýigrimi, soň otuz…
Ahyr ýadap, bu pişämi taşladym.

Hiç haçanam az bolmandyr bahyllar,
Gynanaňda bolýar gynanan kişi.
Soň başga bir ýerde üstüne goşup,
Gybatyňy edýär atyp etmişi.

Bahyllar hiç haçan az bolan däldir,
Bedewiň jylawy elinde ýaly.
Eger-de şolaryň erkinde bolsa,
Bilip bilmäň niçik bolar hyýaly?

Keýpi gaçar görüp bazarda seni,
Gözi onuň satyn alan zadyňda.
Begenmez bagyňda elwan güllere,
Geçip gider, “armasy“ ýok ýadaňda.

Iki dostuň gülküsine aşyk men,
Onuň weli ýalyn geçýär içinden.
Beýle-de bir adam bolar oguşýan,
Habar berýär Hüňkar şanyň öjünden.

Ol bahyl dünýäniň barça zadyna,
Ediminde, gylymynda çep gördüm.
Goý, bahyl diýseler diýsinler maňa,
Menem oňa bu dünýäni köp gördüm. Goşgular